# Daşkentde türkmen-özbek toparynyň, işewürler geňeşiniň nobatdaky mejlisleri geçiriler

2024-nji ýylyň 28-nji iýunynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň söwda we dokma toplumyna gözegçilik edýän orunbasary Batyr Atdaýew sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde şu ýylyň 15-16-njy iýulynda Daşkent şäherinde bilelikdäki türkmen-özbek toparynyň, işewürler geňeşiniň nobatdaky mejlislerini geçirmegiň teklip edilýändigini aýtdy.

Türkmenistanyň resmi metbugatynyň habar bermegine görä, wise-premýer türkmen-özbek toparynyň, işewürler geňeşiniň nobatdaky mejlisleriniň çäginde «Türkmenistanda öndürilen» atly ýurduň harytlarynyň milli sergisini geçirmegiň meýilleşdirilýändigini habar berdi.

Habarda bellenilişi ýaly, bu çäreleri ýokary derejede gazanylan ylalaşyklary ýerine ýetirmek maksady bilen kabul edilen 2023-2024-nji ýyllar üçin Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça bilelikdäki çäreleriň Meýilnamasyna («Ýol kartasy») laýyklykda geçirmek göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-özbek toparynyň 18-nji mejlisine, türkmen-özbek işewürler geňeşiniň nobatdaky mejlisine gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy we ýurduň harytlarynyň milli sergisini hem guramaçylykly geçirmegiň wajypdygyna ünsi çekildi.

Şeýle hem mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Все права защищены